# Syýahatnama: Ruslar

Category: Kitapcy,Ýol ýazgylary
написано kitapcy | 23 января, 2025
Syýahatnama: Ruslar RUSLAR

Ibn Fazlan şeýle diýýär:

Söwda üçin Itil derýasynyň kenarynda ýerleşýän bazara gelen ruslary gördüm. Olaryň arasynda eti-gany özüne ýetik adama gabat gelmedim. Ählisi diýen ýaly hurma agajyna meňzeş uzyn, saryýagyz we irimçik adamlardy. Olar ne hyrka, ne-de kaftan geýýärdiler. Erkekler bedeniniň bir bölegini ýapyp, eliniň biri daşynda galýan eşik geýýärdi. Olar ýanynda palta, gylyç we pyçak göterýärler[1]. Bu zatlary hiç wagt ýanyndan aýyrmaýarlar. Gylyçlary uly we kesgir bolup, Pereň gylyjyna meňzeşdir. Barmagynyň ujundan boýnuna çenli bolan aralyk we tutuş bedeni agajyň şiresi hem başga zatlar bilen doludyr. Aýal maşgalalaryň göwsünde äriniň baýlygyna ýa-da wezipesine görä demirden, kümüşden, misden, altyndan hokga[2] dakylýar. Her hokganyň içinde bir halka, halkanyň içinde göwse bagly pyçak bardyr. Mundan başga-da boýnuna gyzyl ýa-da kümüşden zynjyr dakýan hem bar. Rus halky on müň dirhem gazansa, aýalyna zynjyr alyp berýär. Ol şunuň ýaly gazanan her on müň dirheminden, aýalyna bir zynjyr alyp berýär. Käbir aýallaryň boýnunda birnäçe zynjyr bar.
Bezeg hökmünde esasy üns berilýän zatlar gäminiň üstünde satylýar. Ol şykgy palçykdan, ýagny taňsykdan taýýarlanylýan ýaşyl we mawy monjuklardyr. Onuň üçin örän köp pul harç edýärler. Erkekler monjuklary ýeke-ýekeden bir dirheme satyn alyp, aýalyna zynjyr edip berýärler. Olar Allanyň iň ýaramaz ýaradan mahluklarynyň biridir. Olar uly we kiçi täretden soň arassalanmaýarlar. Jynsy gatnaşykdan soňra gusul almaýarlar. Nahar iýip ellerini ýuwmazlar. Olar ýoluny ýitiren eşek ýaly halkdyr. Öz ýurdundan dolanyp gelip,
Itil derýasynyň kenarynda gämilerini berkidýär. Derýanyň kenarynda agaçdan uly öý gurýarlar. Her öýde on, ýigrimi

adamdan az ýa-da köp topar-topar bolup ýaşaýarlar. Olaryň her haýsynyň aýry-aýry kürsüsi – diwany bar. Bazarda satmaga getirlen görmegeý gyrnaklar bilen onuň üstünde oturýarlar. Kähalatlarda adamlaryň arasynda öz hyzmatkäri bilen jynsy gatnaşykda bolýarlar. Bir topar birnäçe gezek bir-biriniň ýanynda jynsy gatnaşykda bolýarlar. Käwagt gyrnagy satyn almak üçin gelen täjiriň gyrnak hyzmatkäri bilen gatnaşykda bolup duran wagtyna hem gabat gelmek bolýar. Ýöne bu işi edip duran adam utanmadan geçen, tersine dowam edýär. Işini bitirenden soňra üstünden turýar. Olaryň erbet däpleriniň biri-de her gün bir gezek ýüzüni, başyny hapa we erbet suw bilen ýuwmaklarydyr. Daň säher bilen her gün hyzmatkär gyz bir suwly gap getirip, ony hojaýynynyň öňüne goýýar. Hojaýyn bu gabyň içinde elini-ýüzüni, saçyny ýuwýar we saçyny daraýar. Soňra suwa sümgürinýär we tüýkürinýär. Gepiň keltesi, suwa gowulykdan başga ähli zady taşlaýar. Ondan soňra suwly gaby golaýynda oturanyň öňünde goýýar. Bu adam-da şonuň edişi ýaly edýär. Hyzmatkär şu görnüşde bir adamyň öňünden alyp, beýleki adamyň öňünde goýýar. Bu suwly gap öýüň içindäki ähli adamyň öňünde aýlanýar. Olaryň ählisi bu gabyň içindäki hapa suwa elini, ýüzüni, saçyny ýuwýar we sümgürinip tüýkürinýär. Gämi duralga gelende, olar ellerine az mukdarda çörek, et, sogan, süýt we nebiz-şerap alyp gämiden düşýärler. Soňra ýere dikilen bir agaja berkidilip, daş-töweregi kiçijik heýkeljiklerden doldurylan we adamyň ýüzüne meňzedilip ýasalan bir uly heýkeliň öňüne gelýärler hem-de şol uly heýkele sejde edýärler. Soňra: «Eý, «Rebbim»! Men uzak ýerden geldim. Meniň ýanymda bäş sany hyzmatkär gyrnak, şeýle-de samyr derisi bar» diýýär. Getiren ähli söwda harytlaryny sanap bolandan soňra: «Saňa sowgat getirdim» diýýär. Ol ýanyndaky sowgady bu heýkeliň öňünde goýýar. «Senden bu harytlarymy islän bahama satyp bilmegimi we olaryň meniň aýdan bahama garşy çykmaýan hemde gyzyldyr kümüş puly bol bolan täjire nesip etmegini dileýärin» diýip, çykyp gidýär.
Eger harydy wagtynda geçmese, ikinji sowgady, ýene bolmasa üçünji sowgady getirýär. Bu gezek ýene satyp bilmese, her heýkele aýry-aýry kiçiräk sowgat berýär. Olardan kömek

soraýar. «Olar «rebbimiň» aýaly, gyzy we ogludyr» diýýär. Her heýkeliň öňüne gelip şepagat dileýär we oňa ýalbarýar. Käwagt şunuň ýaly ýagdaýdan soňra, söwdasy oňýar. Ol harydyny satyp: ««Rebbim» islegimi kabul etdi. Ony hökman sylaglamaly» diýýär. Onuň ýoluna goýun ýa öküz gurban edýär. Ol etiň bir bölegini sadaka berýär. Galan bölegini bolsa, uly heýkele we onuň daş-töweregindäki kiçiräk heýkelleriň öňüne taşlaýar. Öküziň we goýnuň kellesini, ýere dikilen agaçdan asýar. Gün ýaşandan soňra, itler bu eti iýip gidýär. Netijede gurbanlyk eden adam: ««Rebbim» menden razy boldy. Sowgadymy iýdi» diýýär.

Öz aralarynda biri kesellese, onuň üçin ýaşaýan ýerinden uzak ýerde çadyr gurýarlar. Bu näsagy şol çadyryň içine taşlaýarlar. Onuň ýanyna azrak çörek we suw berilýär. Oňa hiç kim golaýlaşmaýar we gepleşmeýär. Hatda keselläp ýatan wagtynda-da ýagdaýyny soramaýarlar. Hassa garyp ýa-da gul bolsa, oňa hiç hili üns berilmeýär. Näsagyň ýagdaýy oňatlaşyp, yzyna gelse ne ýagşy, ýagdaýy oňatlaşman ölse, jesedi ýakylýar ýa-da it we ýyrtyjy guşlar gelip läşini iýýär. Eger bir adam ogurlyk edip tutulsa, ol uzyn we ýogyn agajyň düýbüne getirilýär. Onuň boýnuna berk ýüp daňyp agaçdan asýarlar. Ol ýel-ýagşyň aşagynda çüýräp, ýüpi üzülýänçä asylyp durýar.

Maňa ruslar abraýly adamlary ölende, jesedi ýakmak ýaly birnäçe çäre geçirýändigini aýtdylar. Ony görmegi arzuw edýärdim. Ahyrsoňy hormatlanýan adamlaryň biriniň ölendigini eşitdim. Ölen adam gabra goýuldy we üsti ýapyldy. Onuň egin-eşikleri tikilýänçä, şol ýagdaýda on gün saklandy.

Eger ölen adam garyp bolsa, gaýyk ýasap şonuň içinde ýakylýar. Eger baý adam bolsa, mal-mülki ýygnalyp üç bölege bölünýär. Onuň üçden bir bölegi maşgalasyna berilýär. Üçden bir bölegi bilen oňa eşik tikilýär. Beýleki üçden bir bölegine şerap alynýar. Şerap merhumyň hyzmatkär gyrnagynyň özüni heläklän we hojaýynynyň ýakylan güni içilýär. Rus halky şeraba düşgün halkdyr. Gije-gündiz diýmän içýärler. Käbirleri eli käseli ölýärler.

Baştutanlaryndan biri ölse, onuň maşgalasyndan we hyzmatkärlerinden: «Kim onuň bilen ölmek isleýär?» diýlip soralýar. Arasynda biri: «Men» diýýär. Men diýen adamyň

sözünden dänmegi mümkin däldir. Sebäbi sözünden däneni bilen goýberilmeýär. Esasan hojaýyny bilen ýakylmaga razy bolýan hyzmatkärleridir[3]. Ýokarda belläp geçen merhumyň hyzmatkärlerinden: «Onuň bilen kim ölmek isleýär» diýlip soraldy. Aralarynda biri: «Men» diýdi. Ony gorap saklamak we nirä gitse seretmek üçin iki sany ýaş gyz jogapkär edildi. Bu gyzlar onuň el aýagyna çenli ýuwýardy. Şeýle-de jynaza üçin taýýarlyk görlüp, başga bir ýerde merhumyň eşigi tikilýärdi. Hyzmatkär gyzlar bolsa, ölmeli hyzmatkäre her gün yzygiderli şerap içirýärdi. Ol şady-horram bolup aýdym aýdýardy.

Ahyrsoňy merhumyň hyzmatkäriniň ýakylmaly güni gelip ýetdi. Men merhumyň ýakylmaly gämisiniň duran ýerine gitdim. Bir görsem, gämi derýadan çykarylypdyr. Bu adam üçin gaýyk we dürli agaçlardan bolan dört sany agajy dikipdirler. Onuň daş töweregi agaçdan gämi duralgasyna meňzeş edilipdi. Gämi bu sütünlere we gämi duralgasyna tarap çekildi. Olar öz aralarynda meniň düşünmeýän zatlarymy gürleşip başladylar.

Merhum şindize çenli gabyrdan çykarylanokdy. Soňra tagt getirip, gupbaly çadyryň içinde goýuldy. Onuň üstüne Rum ýüpeginden bolan düşek we ýassyk goýuldy. Bu zatlardan soňra «Ölüm perişdesi» diýlip atlandyrylýan garry aýal geldi. Ol ýokarda aýdylan ýorgan-düşegi tagtyň üstüne ýazdy. Bu merhumyň ähli egin-eşiklerini taýýarlaýan we hojaýyny bilen ýakylmaly hyzmatkärleri öldürýän aýaldy. Ol agyr ýüzli, iri, güýçli we gorkunç aýaldy. Soňra olar merhumyň gabryna bardylar. Onuň üstündäki topragy we agajy aýryp, merhumy eşigi bilen gabyrdan çykardylar. Bu ýurduň sowukdygy sebäpli onuň göm-gök bolanyny gözüm bilen gördüm. Merhumyň ýany bilen bilelikde gabra şerap, miwe we gül çemeni goýlupdy. Olaryň ählisi gabyrdan çykaryldy. Jeset şu wagta çenli yslanmandyr. Onuň diňe reňki üýtgäpdir, başga ýeri bozulmandyr. Ony şol taýýarlanan düşegiň üstünde ýatyrdylar. Oňa ýassyk goýuldy. Şerap, miwe we gül getirip ýanynda goýuldy. Mundan başga-da çörek, et we sogan goýuldy. Bu zatlary merhumyň öňünde goýup, it getirildi. Iti-de ikä bölüp, gämä taşladylar. Onuň ähli ýaragy getirlip goýuldy.

Soň iki sany at getirildi. Bu atlary tä daljygýança çapdyrdylar, soň bolsa gylyç bilen çapyp gämä taşladylar.

Mundan başga ýene iki sany sygyr getirildi. Bu sygyrlar hem gylyç bilen bölek-bölek edilip gämä ýüklenildi. Soň horaz bilen towuk getirildi. Olary-da öldürip gämä taşladylar. Öldürilmäge taýýarlyk görýän hyzmatkär gyz öz nobaty bilen gupbaly çadyra gitdi. Çadyryň içindäki onuň bilen jübütleşdi. Soň oňa: «Hojaýynyňa aýt! Bu işi seni gowy görýändigim üçin etdim» diýdi.
Ahyrsoňy Anna güni ikindi wagty hyzmatkär gyz gapy çarçuwasyna meňzeş ýasalan bir zadyň ýanyna getirildi. Hyzmatkär gyz iki aýagy bilen adamlaryň ellerine münüp, ýokardan bu çarçuwa tarap eňilip, bir zatlar diýdi. Soň ony ýere düşürip, gaýtadan çykardylar. Ýene-de birinji gezekki eden hereketini gaýtalady. Üçünji gezek ýene şol bir zat gaýtalandy. Oňa bir towuk berdiler. Ol towugyň kellesini kesip taşlady. Adamlar towugy onuň elinden alyp, gämä taşladylar. Dilmaja hyzmatkäriň näme diýendigini soradym. Ol şeýle jogap berdi:
– Birinji gezek ýokary göterilende, «Ynha ejemi, kakamy görýärin» diýdi. Ikinji gezek: «Indi merhum bolan ähli dogan-garyndaşlarymyň oturan ýerlerini görýärin» diýdi. Üçünji gezek: «Ynha, hojaýynyň jennetde oturan ýerini görýärin. Jennet owadan, göm-gök baglara bürenip otyr. Hojaýynymyň ýanynda adamlar we gulamlar bar. Meni ýanyna çagyrýar. Meni onuň ýanyna alyp gidiň» diýýär – diýdi.
Ondan soňra hyzmatkäri gämä tarap alyp gitdiler. Ol golundaky iki sany bilezigi çykaryp, özüni öldürjek ölüm perişdesine berdi. Aýagyndaky iki sany halkany çykaryp, özüne hyzmat edýän iki gyza berdi. Bu iki sany gyz ölüm perişdesi diýlip tanalýan aýalyň gyzlarydy. Gyrnak soň gämä çykaryldy. Ýöne gupbaly çadyryň içine girmän daşynda durkalar, eli taýakly we galkanly birnäçe adam geldi. Olar hyzmatkär gyza bir käse şerap berdiler. Ol bu şeraby eline alyp aýdym aýdyp içdi. Dilmaç maňa: «Ol şeýdip, öz hojaýynlary bilen hoşlaşdy» diýdi. Ol hyzmatkär gyza ýene bir käse şerap berildi. Ol käsäni eline aldy. Bu gezek aýdymy uzak wagtlap aýtdy. Garry aýal oňa käsedäki şeraby içirmek we ony hojaýynynyň ýatan ýeri bolan gupbaly çadyry salmaküçin tagalla edýärdi. Hyzmatkäri gyzy özünden gidip, haly harap bolan ýagdaýda gördüm. Ol çadyra

girjek bolup, kellesini çadyr bilen gäminiň arasyna sokdy. Garry aýal bada-bat kellesinden tutup, ony çadyra saldy. Garrynyň özi we hyzmatkärleri çadyra girdi. Soňra hyzmatkär gyzyň gygyrýan sesi eşdildi. Bu sesden beýleki hyzmatkärler gorkmasyn we mundan beýläk hojaýynlary bilen ölmekden ýüz öwürmesinler diýip, ýaňky gelen eli galkan-taýakly adamlar, adamlary elindäki galkan we taýak bilen urmaga başladylar.
Çadyryň içine alty adam girdi. Bu giren adamlaryň ählisi onuň bilen jübütleşikde bolup, ony hojaýynynyň ýanynda ýatyrdylar. Olaryň ikisi hyzmatkär gyzyň aýagyny, ikisi bolsa elini tutdy. Ölüm perişdesi diýilýän garry aýal hyzmatkäriň boýnundan ýüp daňdy. Ol ýüpüň ujy iki taraplaýyn bolup, iki adama ýüpüň ujundan çekmegi tabşyrdy. Soňra eline hanjar aldy. Ony hyzmatkäriň gapyrga süňkleriniň arasyna sokup çykarmaga başlady. Beýleki tarapdan bolsa, ýüpüň ujuny çekip ony bogýardylar. Hyzmatkär ahyry öldi. Ölen adamyň iň ýakyn erkek garyndaşy eline odun aldy. Bu oduny otda ýakdy. Soňra yzlygyna süýşüp gämä ýöredi. Onuň arkasy gämä, ýüzi adamlar tarapady. Bir eli bilen ýanyp duran ody tutýardy. Ýalaňaçdygy sebäpli beýleki eli bilen ujydyny ýapýardy. Gyrnak öldürilip hojaýynynyň ýanynda goýuldy. Soňra gäminiň aşagynda taýýarlanyp goýlan odun ýakyldy. Adamlar ellerine otly kesindi alyp, gäminiň aşagyna taşlamaga başladylar. Odun, gämi, çadyr, merhum adam we hyzmatkär ähli zat tutaşyp ýanmaga başlady. Onuň yz ýanyndan güýçli ýel öwüsdi. Ot alowlanyp oňat tutaşdy. Meniň ýanymda bir rus adam bardy. Onuň meniň bilen bile gezip ýören dilmaja bir zat diýendigini eşitdim. Dilmaçdan:
– Näme diýýär – diýip, soradym. Dilmaç:
– Araplar akmak diýýär – diýdi. Men:
– Näme üçin? – diýip, soradym. Rus:
– Siz has oňat görýän we hormat goýýan adamyňyzy toprakda jaýlaýarsyňyz. Ony ýer, toprak, mör-möjek we gurt iýýär. Biz bolsa, onuň ýaly adamlary ýakýarys. Ol tiz jennetde gidýär – diýdi. Soňra hahahaýlap gülüp başlady. Men onuň näme üçin gülýändigini soradym. Ol şeýle jogap berdi:
– Rebbi ony has oňat görüp, tiz öz ýanyna almak üçin şemal ýollady – diýdi. Hakykatdan-da bir sagat geçmänkä, gämi, odun,

hyzmatkär we hojaýyn, ähli zat kül bolup tozap gitdi.
Derýadan çykarylan gäminiň ýerine tegelek depä meňzeş bir zat etdiler. Onuň ortasynda buk agajyndan sütün dikilip, ölen adamyň we rus hökümdarynyň atlaryny ýazyp gitdiler.

Ibn Fazlan şeýle diýýär:

Rus hökümdarynyň adatlarynyň ýene biri hem onuň gahryman, gaýduwsyz adamlardan dört ýüz adamy öz köşgünde saklamagydyr. Olar hojaýynlary bilen bile ölmekden, onuň ugrunda janlaryny pida etmekden çekinmeýärler. Olaryň her biri üçin aýratyn hyzmatkär bardy. Bu hyzmatkärler olaryň saçlaryny ýuwup, iýjek-içjek zatlaryny taýýarlap berýärler. Bulardan başga-da olaryň jynsy gatnaşykda bolýan başga hyzmatkärleri bar. Bu dört ýüz adam hökümdaryň tagtynyň aşagynda oturýar. Onuň tagty uly bolup, örän gymmat bahaly daşlar bilen bezelen. Tagtyň üstünde hökümdar bilen jynsy gatnaşykda
bolýan kyrk sany gyrnagy oturýar. Käte hökümdar olaryň arasynda biri bilen tagtyň üstünde, adamlaryň öňünde jübütleşýär. Eger täret etjek bolsa, legen getirdýär. Onuň içine täret edýär. Ata münmek islese, oňa tagt getirilýär. Ol ata tagtyň üstünde münýär. Atdan düşjek bolsa, tagtyň ýanyna getirilýär. Onuň üstünden tagta düşýär. Hökümdaryň goşunyny dolandyrýan, duşman bilen söweşýän we döwlet işlerini ýöredýän ýörite wekili bar.

---

[1] Palta, gylyç – Ibn Miskeweýh rus söweşijileriniň ýanynda gylyç, palta, byçgy we çekiç bar diýip belleýär.
[2] Hokga – aýal-gyzlar döşlerine dakmak üçin ulanypdyrlar.
[3] Ruslarda milady ýyl hasaby bilen XI asyra çenli merhumlar ýakylypdyr. Ýol ýazgylary